# Duman daganda: Hakykat gyzyl almadyr, suw düýbünde gizleseňem iru-giç böküp çykar

Category: Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Duman daganda: Hakykat gyzyl almadyr, suw düýbünde gizleseňem iru-giç böküp çykar



**• Hakykat gyzyl almadyr, suw düýbünde gizleseňem iru-giç böküp çykar**

Kasym Kulyýewiçi Aşgabada çagyrýandyklary hakda, o taýda oňa uly wezipe berýändikleri hakda gürrüňler sowaşmaýardy. «Niredendir bir ýerlerden gelýäler, işe janyny ýakman, dört-bäş ýyl güýmenýärler-de hassahanany taşlap, «Näme bolsaňyz şol boluň» diýip göterilip gidýäler. Aralykda ilat kösenýä.” Kasym bolsa, şol öňküsi ýaly, ähli kişä mylaýym ýylgyryp bakýar. Aşgabatda dostlarynyň ýagdaýy has gowulaşypdy, olar köplere diýenini etdiribilýän wezipelere aralaşypdylar. Onsoň Kasymyň hem Aşgabada dolanyp gelmegini, täze wezipeleri zabt etmekde esger bolup söweşmegini isleýärdiler. Aslynda, Kasymyň özi-de soňky wagtlar Aşgabada dyzaýardy. Onuň dyzmaç ýüregi täze-täze, uly-uly çaknyşyklar küýseýärdi. Bir raýonyň, bir oblastyň çägindäki iş görmeler gaty ujypsyz, bulguryň içindäki tupanjyk hasaplaýardy. Onuň indi ownuk zatlara çolaşyp gezesi gelenok. Maly bar, puly bar, ýol öwrendi – şulary işletmeli. Kiçi edarada uly işgär bolanyňdan, uly edarada kiçi işgär bolanyň bähbitli. Ine, ol şeýle pikirler bilen ýaşaýardy.
Ýöne Aşgabatdaky ogly Mahmyt Kasyma ünji berip başlady. «Ýamanam däl weli, haýsy nyşanany ilki urmalydygyny bilenok». Mahmydyň henize çenli kommunistik partiýa hataryna geçibilmän ýörşüni, Kasym onuň gowşaklygy hasap edýärdi. «Şu günki geljek bäş manada çapmaly dä-äl, düşünýämiň, ertirki aljak ýüz ýigrimi bäş manadyňa dyzamaly» diýip, Mahmydyň gulagyna guýýardy. Mahmyt bolsa soňky wagtlar öýlenjek diýip eňegine tutup ugrady. «Gyssanma. Gelinligiňi göreli». «Kaka, görseňizem-görmeseňizem men şondan başga gyza öýlenjek däl. Özem gül ýaly dogtor». Kasym hiç bir ýaramazlygy güman etmedi, ýöne öňi-soňy o gyzyň ýaşyny, aslyny sorap-idäp bilmese, ony gözi bilen synlap görmese, toýa başlamakçy däldi. Ol şonuň üçin Aşgabada gidip gelmekçi bolup ýördi, ýöne dürli sebäpler çykyp, şo-ol soňa goýup ýörşüdi.
Onsoňam bardy-geldi Aşgabada göçmeli bolaýsa, Kolýa daýyny nätjegini bilmeýärdi. «Goýup gitmelimi ýa-da tutguçsyz çemedan ýaly ýanyň bilen süýremeli bolarmyka?» Sebäbi Kolýa daýy halys ysgyndan gaçyp, gije-gündizini krowatyndan düşmän diýen ýaly

geçirýärdi. Kasym, ozaly bilen, Kolýa daýynyň agyz ülňüni aňasy geldi. Şonda Kolýa daýy reňki öçüşen gözlerini Kasyma dikip, hiç söz aýtman bir salym oturdy. Kasym o gözleriň nyşanasyndan tiz sowulyp aşak bakdy. Soňra göz gytagyny aýlap goýberdi. Kolýa daýy gözýaşlaryny emaý bilen süpürip otyr.
Ol Kolýa daýynyň bozulanyny öň görmänsoň. «Kesel ejizledýär öýdýän» diýip oýlandy. Kolýa daýynyň kalbynda neneňsi tupan turýanyny, onuň özüne ejir bere-bere bir söz aýtjak bolup aýdybilmeýşini, duýgularynyň gözýaşa öwrülip çykyşyny Kasym gümanam etmeýärdi. Näçe ýyllar bäri arak bilen ysnyşsa-da, Kolýa daýynyň kalbynyň bir künjünde ynsabyň, edil eňňeräniň ternesi ýaly, ellenmän, bütewiligine galandygyny, aragyň ynsaby eredip ýetişmändigini Kasym näbilsin!
Ahyry, Kolýa daýy özüni dürsedi.
— Kasym jan! Meni şu taýdan hiç ýana butnatma. Uzak ýaşamajagymy duýýan. Onsoň ölmänkäm, saňa bir zat aýtjakdym. — Ol gurbat toplamak üçin dymdy. — Kakaň pahyr bilen iki ýarym ýyl bile söweşdim. «Sen dur, men öleýin» diýýän ýigitdi. Ýöne sen-ä kakaňa mynasyp ogul bolup ýetişmediň. Ýo-ok, ojagaz owadan gelinlere kowalaşanyň hasap däl, başga-başga belalara-da sataşypsyň.
— Kolýa daýy, oýun etmesene. — Kasym Kolýa daýyny samrandyr öýtdi. Ol bolsa, öz gürrüňi Kasyma täsir eder tamasy çykmansoň, şeýle ejirli aýdan sözleri şeýle äsgermezçilik bilen kabul edilensoň, sähel gaharly: — Ýok, ýok, sen, gowusy, kakaňy ýatla! — diýdi-de, aňry dönüp, ýorgany üstüne çekdi.
Kasym darajyk garawulhanada dikeldi. «Arak tapman, başy agyryly otyrka gelipdirin». Ol jübüsinden çykaran pulundan, hemişekisi ýaly, üçlük sogurdy-da, sowuk pejiň üstüne taşlady.
— Kolýa daýy, düzeleris-le. Ynha, kelle agyryňy aýyrar ýaly goýandyryn.
— Maňa indi pul goýmasaňam bor, aňryma nem geçenok.
Kasym ýaňky goýan üçlügini garbap aldy-da, süňňiýeňil çykyp gitdi. Daş çykandan Kolýa daýyny hem, onuň häzirki aýdanlaryny hem unutdy, pikir-küýi Aşgabada ýumlukdy. Ol öýüne gelip ýol şaýyny tutup başlanda aýaly oňa bir surat uzatdy. «Şu suraty öňräk Mahmyt ogluň gelende goýup gidipdi. Saňa görkezmäge-de

çekindi. Öz-ä biziň gelnimiz bolmaly. — Kasym suraty ele aldy-da, doňup galdy. Ýatsa-tursa oýuna-küýüne gelmejek zat maňlaýyndan çyksa nätjek?! Suratda Aýbibi mährem ýylgyryp otyr. Kasyma belet ýylgyryş. «Işim gaýtdy-ow!» Kasymyň bütin bedeni erbet gyzyp gitdi. Aýaly bolsa bu ahwaldan bihabar sözledi.
— Öz-ä owadanja gyz ekeni.
— Dünýäni ýumurýan şo owadanjalar-da.
«Nätsemkäm?!
Aýbibiniň özi bilen gepleşsemmikäm? Ol-a ygyp ýören bir jelep. Indi şoňa ýalbarmaly boldummy?! Meniň ýagdaýyma düşünermi? Ol düşüneni bilen Mahmyt näder? Ony meýlinden döndermeg-ä mümkin däl. Aýbibi oňa öz balyndan dadyryp gözüni gapandyr. Ählimizi terk etmeli bolsa-da eder, ýöne Aýbibiden dönmez.
Nätsemkäm?
Bir ýoljagaz tapyp Aýbibini türmä dykdyrsam näderkä? Ýa şonda-da Mahmyt onuň yzynda selkildär ýörermikä? Şundan her zat çykar. Bä-äý, yz ýitiren ogul boldy-aý. Asyl, munuň şunça dost-ýary barka, puly barka partiýa geçmän, uly wezipä dyzaman ýörşüniň bir belasy bar eken-ow.
Onda nätsemkäm?
Haram heleýi öldürip dynaýsam näder? Eger şeýtmesem, onda oýnaşym oglumyň dulunda gelin bolup otursa, özümi öldürmeli bolaryn». Kasym Aýbibini öldürip biljegine ikirjiňlendi. «Heniz adam öldürip göremok». Başga çykalga-da tapmady. Şol günüň ertiri Kasym Aşgabada geldi. Aýbibä jaň etdi. Az salymdan Aýbibi köçäniň bukurak ýerinde duran maşynyň yzky gapysyny açyp münenine mähetdel maşyn batly ugrady.
— Hallar niçik? — Ruluň başyndaky Kasym mylaýym gülümsiräp, Aýbibä gözüni aýlady. — Üşeýän dälsiň-dä?
— Ýok-la, howa sowuk däl-ä.
Kasym çep eli bilen ruly tutup otyrşyna, sag goluny goltugyna salyp, kemerine gysdyrylan demir kesindisini elleşdirdi. «Şujagaz demir seni ömür üşemez ýaly edäýmezmikä?!»
— Bu gün uzagrak eglenip bilerismi?
— Görmeli-dä.
— Ony özüň bilmeli ahyryn.

– O saňa-da bagly.
– Maňa bagly iş bitmän galmaz. Tüweleme, bize-de beýle bagt nesip etjek-ow, – Ol ýene yza gaňrylyp ýylgyranda, zenan gözlerinde degişme öwüşginlerini gördi.- Ýadyňda bolsa, biz ilkinji gezek bu ýerlere gaýdanymyzda-da howa edil şular ýalydy.
– Hiç zat ýadyma düşmeýär. Onsoňam ýatlap näme etjek? Ömrüňi ýatlap çykyp bolmaz. Ömür bir garasaň-a bäş günlük, birde bolsa örän uzak.
Maşyn şäher içinde aýlanyp-dolanyp, ahyry daga tarap gidýän göni ýola düşdi.
– Men seň bilen bolan pursatlarymy bütin ömrüme bermen.
– Goýsana! – Aýbibiniň sesi gaharly çykdy. – Ýalan bir sözlemäweri. Ömür aýallar bilen ölçelýämi näme?! Beýle bolsa erkekleriň birentegi ýüzlerçe ýaşardy.
– Ömrüň gowy geçmegine aýalyň täsiriniň köplügini gözüm bilen görüp ýörün.
– A aýalyň näçe zyýan berýänini duýmaýarmyň?! Uly wezipelerden goýýanyny, il gözünden düşürýänini näme üçin aýdaňok? Asla, seniň aýal diýip, neneňsi aýaly göz öňünde tutýanyňy gowy bilýän!
– Rahatlanaweri, men-ä oýun edip aýdýan.
– Ýo-ok, maňa diňe sen düşünýärmikäň öýdüpdim… Wah, asla hiç erkegem aýalyň göwnüni duýup bilýän däldir – Aýbibi aýalaryny ýüzüne tutup, barmaklaryň arasyndan Kasymyň halyny ýeser synlady. «Hany, aglan bolaýyn, şonda näderkä? Aýbibi sojap-sojap aglap başlandan ruluň başyndaky Kasym maşyny bir gyrada saklady-da Aýbibiniň ýanyna geçdi, onuň sag çignine çep elini goýup, ýaňaklaryndan damja-damja inýän ýaşlary aýasy bilen syryşdyrdy.”Öldürmek ýeňil däl. Men Aybibini söýýärdimem-ä.”
– Rahatlansana. Bilmän göwnüňi agyrdaýdym-da.
Aýbibi agysyny gowşatdy, çigninden erkegiň goluny emaý bilen aýryp, garyljak sesli: «Ýör, gideli» diýdi. Kasym öz ýerine geçmek üçin kabinadan çykanda: «Owadan heleý aglanda-da owadan bolýar» diýip oýlandy.
Maşyn ýene ýola düşüp, az salymdan daglara ýarmaşyp başlady. Aýbibi hem rahatlanyp, gyzaran gabaklaryny sähel galdyryp

oturdy.
– Daga ýagyş ýagýan ekeni – ruluň başynda oturan içki aýnadan Aýbibini synlap goýberdi, sähel salymdan onuň rahat owazyny eşitdi.
Aýbibi gaşlaryny aýalary bilen iki ýana ýazyşdyrdy, sähel bulaşan saçlaryny, ýaglygyny düzedişdirdi hem-de ekabyrlanyp oturdy.
– Seniňem göwnüňi ynjytdym öýdýän. Bagyşlaweri, men hiç mahal seniň ynjamagyňy islämok. Sen göwün açmak üçin gelýäň, bilýän, men bolsa… Sen men bilen deň bolma.
– Ýok-la, gowy-la.
– Men ýagdaýa düşünýänem welin, özüme erk edip bilemok, birden aglanymy duýman galýan.
– Aglasyň gelende agla, ýüregiň giňär.
– Az aglamok-la. Ýöne mende syr kän, şoňa nätjegimi bilemok. Aýtman gezesim gelenok. Nädip aýtjagymy bilmänem kösenýän.
– Her bir zenanyň kalbynda uludan-kiçiden bir syr saklaýanyny aýtmasaň hem bilýän.
– A meniň aýdasym gelýä, ýogsa seni aldap ýören ýaly bolýa. Onsoň sen meni tanaman ýörsüň ahyry.
– Seni sulhum alypdyr, başga zat gerek däl.
– Seniň tanşyp ýören aýalyňy diýsene. Men seniň aýak tozyňa-da degmeýän, men iň ýaramaz adam ahyryn.
«Bujagaz heleý meni gepletjek bolýar öýdýän. Indi gep gutardy».
– Özüňi beýdip kemsitme. Her kimiň ýetmezi-de bardyr, artykmaç tarapy-da.
– Meniň diňe ýetmezim bar, sen entek meni tanaňog-a.
Ýagşyň barha güýçlenişinden Kasym heder etdi. Maşyn jülgäni syryp gidýän asfaltdan sowlup, gaýalaryň düýbünden öwrülip ýokary gidýän ýola düşdi. Onda-munda daşy ýaryp çykan arçalaryň reňki goýalypdyr, dürli otlaryň ýaprajyklarynda damjalar bulduraşýardy. Gözýetim ýuka dumanlydy. Maşynyň çygjaran äpişgesinden bu görnüşi synlap barşyna Aýbibiniň göwni galkyjaklap başlady. Emma Kasym geplemän otyr. O dymyşlyk Aýbibä ýakymsyz täsir etdi. Bir-birekden daşlaşýan ýaly. Şoňa görä dymyşlygy bozjak bolup dyrjaşdy. Edil gara

basanda bolşy ýaly, hernäçe geplejek bolsa-da söz tapman kösendi. Ýol gyrasyndan bulanyk suw akyp başlanda Kasym has-da howatyrlandy, durara amatly ýer gözläp, maşyny ýene az-kem öňe sürdi. Maşyn peslikde saklandy, Kasym kabinany açanda ýokardan eşidilýän ägirt güwwüldä diňşirgendi. «Şemally ýagşyň sesidir». Bulanyk suw has batlandy. Beýik ýere çykmak üçin Kasym maşyny yza sürüp başlanda nämedir bir zat tekere direldi-de maşyny togtady. Ol kabinadan çykyp, yzky tekerlere baksa, ullakan daş direlip ýatyr. Kasym öl-myžžyk bolup, daşy zordan birýana süýşürdi. Şonda onuň kemerine gysdyrylan demir kesindisi «Jold» edip suwa gaçdy. Ol şobada elini suwa urup, sermeläp demiri tapdy-da ýene kemerine berk gysdyrdy. «Aý, oglan! Çaltrak şu taýdan gideli-le». Maşyn yza gidende tekerler taýdy-da suwuň ugrunda keserdi duruberdi. Kasym öçen maşyny herekete getirjek bolup güýmenende sil suwy eňterilip gelşine maşyny südürläp, birküç ýola togarlady-da, ho-ol gyrada ýatan äpet daşa jalkyldadyp urdy. Mynjyran demirler Kasymy hem-de Aýbibini mäkäm gysýardy. Sil suwy köpürjikläp, bulanyp, ala-şowhun turzup, düňderilip-düňderilip akdy, çöp-çalamlary, ýüzleý kök uran agaçlary düýrläp gelşine äpet-äpet daşlary hem gaýalardan eňterip goýberdi. Çabga ýagmasy kesilensoň hem sil suwy uzak wagtlap deräni gümmürdetdi. Öýlänara gara bulutlar syrylyp, ak bulutlaryň şöhlesi töweregi ýagtyltdy. Mynjyran maşynyň demirleri gün yşygyna gyzyp başlanda, oňa bir jübüt kepderi ezilen ýeleklerini kepetmek üçin emaý bilen gondy. Ýöne ýylynyp-daranyp uzak otursalar hem kepderileri ürküzen jemende bolmady.

Romanyň soňy.

1982-1988 ý. Romanlar